# Telekerpiç

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Telekerpiç TELEKERPIÇ

*Amerikan magazinlerinde «telekerpiçler» satylyp başlandy. Her bir amerikaly telewizion gepleşiklere tomaşa edende, ýaňky telekerpiçleri gapdalynda goýup oturýar. Ekranda bolup geçýän pyssy-pyjurlyklara, wejeraçylyklara, zorluklara gahary gelen tomaşaçy telekerpiçleri ekrana tarap zyňýar.*
*Ýukajyk plastmassadan edilen telekerpiçler peýdalydyr; ol, birinjiden, gaharyňy gaçyrmaga kömek etse, ikinjiden, telewizoryň bitin galmagyna ýardam edýär.*

Telekerpiç,
Telekerpiç
Ýatma, il sen ele kerpiç,
Bozuk ekran satýar akyl,
Ýatma kerpiç,
Ýatma atyl –
Sem et,
Sem et oň sesini,
Ýogsam, on üç ýaşly çaga
Öldürmekçi atasyny,
Ol näletli ekranda
Undupdyrlar haýany
Atyl kerpiç,
Atyl, ýogsam,
Zorlaýarlar aýaly.
Talaýarlar pullulary,
Talaýarlar pulsuzlary,
Köpelipdir adamlaryň
Aýaksyzy, golsuzlary.
Elpe-şelpe haram aýal
Tenini satýar ekranda.
bähbidine aran aýal

Ärini satýar ekranda,
Telekerpiç,
telekerpiç
Ýatma, il sen ele kerpiç,
Kül-uşak et ekrany sen.
Unut edep-ekramy sen
Edepsiz bol, atyl kerpiç
Uzakda däl atym, kerpiç
Bolsa iki, üç, dört ädim,
Ekranyň ýansyn ädi
Ah, ýňne sen atylsaňam
Juda ýeňil bolaýýaň-da,
Gowy bordy lükgeligiň
Gara daşdan bolaýanda…
Telekerpiç,
telekerpiç,
käte münüp ele kerpiç,
Ol näletli ekranyň,
Üç-dört ädim golaýynda
Zyňylmaga garaşýarsyň,
Amerikalyň öýünde.

Dädebaý AMANOW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 18.02.1983 ý. Goşgular